# Türkmenistanyň käbir ýokary okuw mekdeplerine prorektorlar bellenildi

***Bular boýunça Türkmenistanyň Prezidenti 2025-nji ýylyň 11-nji iýulynda geçirilen Ministrler Kabinetiniň giňişleýin mejlisinde degişli resminamalara gol çekdi.***

Hususan-da, Türkmenistanyň Prezidentiniň Karary bilen, Derýaguly Hudaýgulyýewiç Rzaýew Myrat Garryýew adyndaky Türkmenistanyň Döwlet lukmançylyk uniwersitetiniň bejeriş işleri boýunça prorektory wezipesine bellenildi.

Türkmenistanyň Prezidentiniň Karary bilen, Gurbanmyrat Sähedow, pensiýa gitmegi sebäpli, Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň okuw işleri boýunça prorektory wezipesinden boşadyldy.

Türkmenistanyň Prezidentiniň Karary bilen, Güýçgeldi Garýagdyýewiç Hojamyradow Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň okuw işleri boýunça prorektory wezipesine bellenildi.

Türkmenistanyň Prezidentiniň Karary bilen, Ýazmyrat Baýrammyradowiç Rejepow Maýa Kulyýewa adyndaky Türkmen milli konserwatoriýasynyň ylmy-döredijilik işleri boýunça prorektory wezipesinden boşadyldy.

Türkmenistanyň Prezidentiniň Karary bilen, Sähetmyrat Seýitmyradowiç Pürsüýew Maýa Kulyýewa adyndaky Türkmen milli konserwatoriýasynyň ylmy-döredijilik işleri boýunça prorektory wezipesine bellenildi.

Türkmenistanyň Prezidentiniň Karary bilen, Gurbansähet Amansähedowiç Gurbansähedow Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň ylmy işler boýunça prorektory wezipesinden boşadyldy.

Türkmenistanyň Prezidentiniň Karary bilen, Peýzulla Rozbaýewiç Hydyrow, pensiýa gitmegi sebäpli, Seýitnazar Seýdi adyndaky Türkmen döwlet mugallymçylyk institutynyň ylmy işler boýunça prorektory wezipesinden boşadyldy.

Türkmenistanyň Prezidentiniň Karary bilen, Merdan Amanowiç Atabaýew Seýitnazar Seýdi adyndaky Türkmen döwlet mugallymçylyk institutynyň ylmy işler boýunça prorektory wezipesine bellenildi.

Türkmenistanyň Prezidentiniň Karary bilen, Gaýgysyz Annaçaryýewiç Ataýew Türkmenistanyň Döwlet energetika institutynyň okuw işleri boýunça prorektory wezipesinden boşadyldy.

***«THE ASHGABAT TIMES».***

Все права защищены

save pdf date >>> 28.01.2026